**Turkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň «18»-nji dekabrynda 719 san bilen bellige alyndy**

«Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2006-njy ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 18 belgili buýrugy bilen tassyklanan Bank hasaby hakynda Düzgünnama üýtgetmeler girizmek barada» Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 4-nji dekabrynda çykaran 390-ö belgili buýrugy

## Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2006-njy ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 18 belgili buýrugy bilen tassyklanan Bank hasaby hakynda Düzgünnama üýtgetmeler girizmek barada

«Türkmenistanda buhgalterçilik hasaba alnyşy we auditi özgertmegiň maksatnamasy hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 9-njy iýulynda çykaran 11139-njy kararyna laýyklykda, buýurýaryn:

I.Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdinýetiniň 2006-njy ýylyň 25-nji aprelinde çykaran 18 belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2006-njy ýylyň 11-nji maýynda 381 san bilen bellige alnan Bank hasaby hakynda Düzgünnama şu üýtgetmeleri girizmeli:

1. 1.1-nji bölümini şu görnüşde beýan etmeli:

«1.1. Şu Düzgünnama Türkmenistanyň Raýat kodeksine, «Türkmenistanyň Merkezi banky hakynda», «Karz edaralary we bank işi hakynda», «Buhgalterçilik hasaba alnyşy we maliýe hasabatlylygy hakynda» Türkmenistanyň kanunlaryna we beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda işlenip düzüldi hem-de Türkmenistanyň çäginde bank hasabyny açmagyň, gaýtadan resmileşdirmegiň we ýapmagyň tertibini düzgünleşdirýär.».

2. 1.2-nji bölüminiň üçünji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«Bank - fiziki we ýuridik şahslaryň pul serişdelerini çekmäge, olary gaýtarylmak, tölenilmek we möhletlilik şertlerinde öz adyndan we öz hasabyna ýerleşdirmäge, ýuridik we fiziki şahslaryň bank hasaplaryny açmaga we ýöretmäge, şeýle hem gaýry bank amallaryny amala aşyrmaga aýratyn hukuk berlen karz edarasy».

3. 1.3-nji bölüminde «Saparmyrat Türkmenbaşynyň Türkmenistanyň Raýat bitewi Kanunyna» diýen sözleri «Türkmenistanyň Raýat kodeksine» diýen sözler bilen çalşyrmaly.

4. 2.11-nji bölümini aýyrmaly.

5. 4.4-nji bölüminiň bäşinji bendini şu görnüşde beýan etmeli:

«Müşderiniň hasaby boýunça serişdeleriň galyndysy bank edarasy tarapyndan «Gaýry kreditorlar bilen hasaplaşyklar» atly M 28210 hasaba girdeji edilýär;».

II. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine Müdiriýetiň başlygynyň orunbasarlary, Buhgalter hasaby we hasabatlar müdirliginiň başlygy, Halkara amallar müdirliginiň başlygy, Bank işlerini awtomatizasiýalaşdyryş müdirliginiň başlygy, Bank gözegçiligi müdirliginiň başlygy, Hukuk gullugynyň başlygy, Karz amallary müdirliginiň başlygy we Auditor gullugy müdirliginiň başlygy gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan 2013-nji ýylyň 25-nji dekabrynda 723 san bilen bellige alnan**

“Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň Düzgünlerine üýtgetmeleri girizmek hakynda” Türkmenistanyň Merkezi bankynyň Müdiriýetiniň başlygynyň 2013-nji ýylyň 7-nji dekabrynda çykaran 395-Ö belgili buýrugy

## Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin nagt we nagt däl görnüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň Düzgünlerine üýtgetmeleri girizmek hakynda

«Karz edaralary we bank işi hakynda», «Daşary ykdysady gatnaşyklarynda puly kadalaşdyrmak we pula gözegçilik etmek hakynda» Türkmenistanyň Kanunlaryna laýyklykda, «Pul we alyş-çalyş amallarynyň meseleleri hakynda» Türkmenistanyň Prezidentiniň 2013-nji ýylyň 03-nji oktýabrynda çykaran 13240-njy kararyny ýerine ýetirmek, şeýle hem ygtyýarly karz edaralary (şahamçalary we beýleki düzüm birlikleri) we olaryň alyş-çalyş nokatlary tarapyndan daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallarynyň geçirilişini kämilleşdirmek maksady bilen, buýurýaryn:

1. Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygynyň 2012-nji ýylyň 27-nji fewralynda çykaran 19-ö belgili buýrugy bilen tassyklanan we Türkmenistanyň Adalat ministrliginde 2012-nji ýylyň 12-nji martynda 635 san bilen bellige alnan «Ygtyýarly karz edaralary tarapyndan fiziki şahslar üçin nagt we nagt däl gömüşinde daşary ýurt puly bilen alyş-çalyş amallaryny geçirmegiň Düzgünlerine» şu aşakdaky üýtgetmeleri girizmeli:

a) 4-nji bölümine şu mazmundaky bentleri goşmaly:

«Şunda, ygtyýarly karz edarasynyň alyş-çalyş nokady ýa-da beýleki düzüm birligi tarapyndan fiziki şahsa bir gezeklik milli pula satylýan daşary ýurt pulunyň möçberi ABŞ-nyň 1000 (bir müň) dollary ýa-da oňa barabar derejedäki beýleki daşary ýurt puly bilen çäklendirilýär. Fiziki şahsa bir gezeklik ABŞ-nyň 1000 (bir müň) dollaryndan (ýa-da bu möçbere barabar derejedäki beýleki daşary ýurt pulundan) ýokary geçýän daşary ýurt pulunyň milli pula satylmagy, onuň ygtyýarly karz edarasyndaky hasaplarynyň (goýumlarynyň) üsti bilen, oňa ýuridiki şahsdan ýa-da ýuridiki şahsy döretmezden telekeçiden milli pulda geçirilen möçberiň çäklerinde, alyş-çalyş nokatdan daşary amala aşyrylýar. Şunda, fiziki şahsyň ssuda, zaýom, bank ýa-da sarp ediş karzy, şeýle hem gaýtarylýan (wagtlaýyn) maliýe kömek görnüşinde alan milli puluna daşary ýurt puly satylmaýar. Şu bölümiň maksatlary üçin ABŞ-nyň dollaryna barabar derejedäki beýleki daşary ýurt pulunyň möçberi resmi hümmeti boýunça kesgitlenilýär.»

b) 37-nji bölüminde «tarapynda» diýen sözi «tarapyndan ýa-da şu Düzgünler

bilen» diýen sözler bilen çalşyrmaly.